# Gahryman ogluň sarpasy

Category: Kitapcy,Söhbetdeşlik,Türkmen dili
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gahryman ogluň sarpasy GAHRYMAN OGLUŇ SARPASY

Biziň söhbetdeşimiz Kakaly aga razwedçik Aga Berdiýewiň süýtdeş dogany. Ol personal pensioner, ozal dürli ýolbaşçy wezipelerde işläpdir. Arada men onuň bilen telefon arkaly saglyk-amanlyk soraşanymda, ýaşulyň sesi gamgynrak çykdy. Sebäbini özi aýtdy: «Aganyň ady dakylany aýryldy. Ýakynda onuň kyrkyny belledik». Ýürekden gynandym.
Ine-de men Kakaly aga bilen onuň öýünde ikiçäk gürleşip otyrys. Ol öz agasy Aga Berdiýew hakda, onuň ömrüniň käbir näbelli sahypalary hakda gürrüň bermäge döwtalap boldy.

– Kakaly aga, Aga Berdiýew hakda tüweleme, ýazylma kemi galmady. Ýöne türkmende «Ölüsini sylan beg bolar» diýen pähim bar. Aga ýaly adamlary hemişe ýatlap durmak derwaýysmykan diýýän.

– Allaýar, ýatlap geleniň üçin taňryýalkasyn! Öňem seniň Aga hakda doganoglanymyz Baýram Berdiýew bilen eden söhbetdeşligiňizi okapdym. Ýadyňda bolsa, bu hakda özüňe-de jaň edip belliklerimi aýdypdym.
Aga diýilýän adam gaty üýtgeşikdi. Gaty arssa, päk ýürekli adamdy, watanperwerdi, dogruçyldy, durmuşy söýýän adamdy. Arman, ömri gysga boldy. Kyrk ýaşynda Aşgabat ýer titremesinde wepatboldy. Kyrk ýaş diýýäniň näme! Eýläňe-beýläňe seredende geçip gidýär. Ýöne ol şu ýaşda özüne mynasyp at-abraý goýup gitdi.
Doglanda oňa Nazarmämmet diýip at goýlupdyr. Nazarmämmet kakamyzyň uly doganynyň, agasynyň ady. Şeýdibem onuň ady Aga bolup galyberýär.
Ýöne ol 1942 nji ýylda oktýabryndan 1943-nji ýylyň iýulyna çenli Nazarmämmet diýen adyny, Durdyýew diýip hem familiýa göteripdir. Ony şo döwürde duşmanyň tylyna geçirmek üçin

taýýarlapdyrlar. Şol wagtky ştabyň naçalnigi Anatoliý Grigorýewiç Morozow häzir Moskwada ýaşaýar. Polkownik çininde otstawka çykypdyr. Ýaşy togsana golaýlap barýan goja bilen häzirem hat argatnaşygyny dowam etdirýäris. Ýeri gelende aýtsak, Ata nemes faşistleriň tylynda özüne tabşyrylan söweşjeň ýumşy bitirip, özi bilen onlarça bendiler bilen belorus topragynda hereket edýän partizan otrýadyna goşulýar. Şol partizan otrýadynyň hem komandiri Morozow eken. Aga bilen Morozow ikisiniň duşuşygynda öňden bir-biri bilen tahyşdyklaryny bildirmändirler. Elbetde, munuň nämeniň hatyrasyna edilendigi düşnükli bolsa gerek.

– Kakaly aga, Siz Morozow bilen duşuşan-a dälsiňiz?

– Bir gezegem däl, kän saparlar men onuň öýünde boldum. Men Agany ýakyndan tanaýan onuň söweşjeň ýoldaşlary Ýewgeniý Alekseýewiç Papkow (häzir Moskwada ýaşaýar, professor), Wadim Germanowiç Rihter (Ýaroslowyda ýaşaýar) bilen aragatnaşyk saklaýaryn. Rihter 1994-nji ýylyň mart-aprel wakalary hakynda «Frontyň öň hatarlarynda» atly kitabynda Aga Berdiýewiň edermenligine birnäçe sahypa bagyşlapdyr.
Ýewgeniý Alekseýewiç Papkow Moskwada duşuşanymyzda Aga hakda bir wakany ýatlap, şeýle gürrüň berdi: – Biz Aga bilen bada-bat çulhumyz alyşyp gitdi. Bir ýola biziň otrýadymuza gaçgak özbek gelip, tokaýda duşman ofiserleriniň we esgerleriniň bardygyny, olaryň partizanlaryň tarapyna geçjekdiklerini habar berdi. Şo wagtlar duşmanlardan gaty kän adam ýesir düşýärdi. Biz Aga bilen kömek edeli diýişsek-de olaryň bizi aldawa saljak bolýandyklaryny bada-bat aňdyk. Muny ilki bilen Aga aňdy. Ilkinji gülle şol dönük gaçgagyň göwsüni deşdi. Aga maňa tarap äňedip: «Žeňýa, sen yza çekil, menözüm bulary saklaryn» diýdi. Biz awtomatdan ok ýagdyryp, sag- aman gutulduk.

– Aga frontdan Aşgabada haçan dolanyýp geldi.

– Aga belorus frontynda 1944-nji ýylyň sentýabryna çenli gulluk edýär.
Şol ýylyň haýsy günüdigi ýadymda däl weli, howa öz-ä

salkynrakdy. Men howlymyzdadym. Birden eýläk tarapdan bir esger gelýär. Siňe seretsem, Aga. Gujaklaşdyk. Aňryk geçeninden biziň habarymyz ýokdy. Käwagtlar sag-gurgun habary gelýärdi. Hat-petek weli ýokdy.
Ýöne bäş-alty gün bolandan soň Daşkende gitdi. Bir ýyl töweregi şo ýerde boldy. Men kyrk bäşinji ýylyň sentýabrynda Daşkendiň demir ýol institutynda okuwa başlamda Aga Aşgabatdady. Ol maňa Daşkentde ýaşan ýerini salgy berdi. Özem fizika-tehnika institutynda işlän eken. Kiçi ylmy işgär bolup. Kireýine ýaşaýan jaýynda şinelini, ädigini we gaýry ownuk-uşak zatlaryny goýup gaýdypdyr. Şolary almagy menden haýyş etdi. «Jaýyň eýeleri gowy adamlardyr. Öz zatlaryňy hem şol ýerde goýaý» diýip tabşyrypdy. Aýdyşy ýaly zatlarymy şo ýerde goýdum. Sowuk bolanda men onuň şinelini geýýärdim.

– Aga Daşkentde dogrudanam ylym bilen meşgullandymyka?

– Ol o ýerde ilk-ä myhmanhanada ýaşapdyr. Soň kireýine jaý alypdyr. Daşkende fizika-tehniki institutynyň kiçi ylmy işgäri hökmünde hasapda durupdyr. Ýöne köplenç Frunzäniň gapdalyndaky lagerde bolupdyr. Filtrasion lager. Ony şo ýerik getirýän ekenler. Şo lagerde ozal nemeslere ýesir düşen adamlar saklanýan bolmaly. Hemme milletdenem bar eken. Aga bolsa nemesleriň içinde bolansoň olaryň köpüsini bilýän bolmaly. Şonda ol birtopar adamy nähak töhmetden halas edipdir. Şolaryň biri soň maňa «Aga bolmadyk bolsa meni atýardylar» diýip, alkyş baryny okady.
Daşkentden bärik gelenden soň tä wepat bolýança Agany howpsuzluk komitetine çagyryp sorag yzyna sorag edipdirler. Mundan biziň az-owlak habarymyz bardy. Ejem gürrüň berýärdi. Gündiz-ä işde, agşamyn-da komitete çagyrýan ekenler. Gelenden soň ejeme gürrüň berýändir-dä. Birtopar zady ýamaşgan sorapdyrlar. Umuman, ol garalanypdyr.Soň ellinji ýyllarda komitetiň başlygy Waskiniň tagallasy bilen Agany aklamak hakynda gürrüň gidýär.
Has takygy, Allaberdi Geldiýewiň «Ol biziň obadaşymyz» atly kitabynyň döreýşi hem şonuň bilen baglanyşykly. Allaberdi aga

meniň bilen doganoglanym Ata Ülügberdä «Ol biziň obadaşymyz» atly kitabynyň döreýşi barada şuň ýaly gürrüň berdi:
Ellinji ýyllaryň başlarynda Allaberdi aga Aga Berdiýew hakda gazet üçin kiçijik bir makala ýazmagy tabşyrypdyrlar. Munuň üçin ony Merkezi komitete çagyrypdyrlar. Allaberdi aga bolsa şo wagtlar Türkmen TAG-yň direkorydy we MK-nyň hem çlenidi. Gizlin materiallary hem tanyşmak üçin onuň eline berýärler. Makala Aga Berdiýewi aklamak üçin ýazylmaly eken. «Materiallary açyp, tanyşyp görsem, Aga Berdi hakda eken. «Tanaýan muny. Öz obadaşym» diýýär. Allaberdi agaň özi Gämiden, bizem Aşgabatda doglan. O wagtlar näme, muň ýaly şäher ýok, zat ýok. Ýazyp ugraýar welin, material kän. Soň ol bir kitap ýazmakçy bolýar.
Bu gürrüňler ellinji ýyllaryň başy bolmaly. Gürrüň başyny başlanam, işi gozganam döwlet howpsuzlygy komitetiniň başlygy Waçkin Iwan Timofeýewiç. Men eşidişime görä, Aga şo wagtlar Sowet Soýuzynyň Gahrymany adyny berjek bolup materiallar merkezi Komitete hödürlenipdir. Şo materiallaram Allaberdi aganyň eline düşýär. Garalanmak meselesi, şeýdip aradan aýrylýar. Allaberdi aga kitaby türkmen dilinde ýazýar, ony orusça podstroçnyý terjime edip, ilki bu taýda, komitetde okap geçýärler. Soň Moskwada telim gezek okaýarlar. Ony bir polkownik äkidipdir. Şonda iki baby aýyrdýarlar. Megerem, ol baplar Aganyň duşmanyň öz içinde bolan zatlar hakynda gürrüň berýän bolarly. Allaberdi aga muňa gaty gynanypdy.
Kitap ilki 1964-nji ýylda çap edildi.
Aga uly awçydy. Kakamam awçydy. Olaň tüpeňi häzir mende. Ol bize 1920-nji ýylda düşüpdir. Dokumendi bar. Rewolýusiýadan öňem, soňam tüpeň saklajak bolsaň rugsadyň bolmaly. Kakama tüpeň saklamak üçin 1907-nji ýylda rugsat berlipdir. Şumadam şo dokument mende saklanýar. Şumatky tüpeňimiziň nomeri 1920-nji ýyla gabat gelýär. Tüpeň bir düýe berlip satyn alnypdyr. Awa gidemok weli, onda-da şo tüpeňi saklaýan. Wznosyny töleýän.

— Agadan başga näme zatlar galdy?

– Onuň Ýaroslawda okan döwründe ýazan konspektleri, okan kitaplary bar. Barometri bar. 1938-nji ýylda satyn alypdyr. Aşgabat ýer titremesinde-de döwülmän galdy. Ýogsam özi sähel zat bolsa döwüljek zat. Jübüde göterilýän sagady bar, ony kakam alyp beren ekeni. Aga uruşdan öň üç ýerde demir ýok tehnikumynda, maliýe-ykdysadyýet we söwda tehnikaumlarynda okadýardy. Gyççag wagtynda-da meniň tigrimi münüp gidýärdi. Sakgal syrýany hem bar. Latun metalynda ýasalan. Uruşdan öň ony 1932-nji ýylda okap ýören wagty Ýaroslawlda alan eken. Özi bilen urşa äkidipdir. Germaniýada-da şony ulanypdyr. Bärde-de şony ulanypdy. 1948-nji ýylda 40 ýaşyndady. Ýogalanda pedinstitutyň prorektorydy. Birki gezek uniwersitete baramda Agaň suratyny görmedim. Direktor, rektor, prorektor bolup işlänleň suratyny goýupdyrlar, emma Aganyň suratyny görmedim. Az-kem gynandyraýýar.
Aga Berdiýew hakyky watançydy. Ol Watan sözüne gaty giň manyda düşünýärdi. Onuň duşmanyň tylyndaka ýöredip başlan depderçesinde Sergeý Ýeseniniň şeýle setirlerini ýazypdyr:

Kogda b şepnula rat swýataýa:
Ostaw ty mir! Jiwi w raýu,
Skazal by ýa: «Ne nado raýa –
Wernite Rodinu moýu».

Ellinji ýyllaryň başlarynda Aga Berdiýewiw Watan öňündäki bitiren uly hyzmatlary göz öňünde tutulyp, ol Sowet Soýuzynyň Gahrymany diýen ada hödürlenen bolmaly.
Indi Türkmenistan özbaşdak Garaşsyzlygyna eýe boldy. Indi hiç zadymyz Moskwa garaşly däl. Oňa Türkmenistanyň Gahrymany ady dakylsa jüpüne düşdügi bolardy.

– Kakaly aga, hak aýdýaňyz. Aga Berdiýew ýaly adamlar öz halkynyň mertebesini galdyrdylar, galdyrdyp ýörler. Onsuzam ol gahryman, ýöne resmi taýdan Gahryman ady dakylaýsa, onda bütin Türkmenistanyň halky minnnetdar bolar diýip pikir edýärin.
Söhbetdeşligiňiz üçin bolsa Taňryýalkasyn!

1990 ý. Söhbetdeşlik